# Ýagy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýagy ÝAGY

Adama ýagy däl zat ýok,
Ähli zat ýagy adama.
Gödek aýdan sözi ýagy,
Parran geçen gözi ýagy.
Aşa söýgüsi ýagy,
Ýüregiňde goýar dagy.
Bady howa gürlän çagy,
Soň ol bolar oňa agy,
Aý, garaz, sanap nädeýin,
Ýok munuň çägi.
Ähli zat adamyň özüne bagly…
Senem, menem hem olaram gynaýan,
Men şeýle bir gapylary tanaýan.
Arasynda ogul bilen enäniň
Yzy tükenenok sene-menäniň.
– Özüňden önen balaýa,
Nirä gidersiň nalaýa?!
Ene eňreýär çök düşüp,
Dowam edýär haklaşyk,
Ýok bu öýde ylalaşyk.
Ähli zat janyňa ýagy,
Diýsem garşy çykýar biri.
Düşünişmek deregine,
Gezäp dur ol maňa nili.

Ýazsamam-a ýazdym weli,
Jemläp bilmedim goşugy.
Ine, maňa agyr ýeri!..

14.04.2014. Goşgular